*(Resmi däl terjime)*

Ýaponiýanyň Türkmenistandaky adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi jenap YAMAMOTO Hiroyukiniň “Lukmançylyk enjamlary bilen üpjün etmek arkaly Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek" atly Grant taslamasynyň çäginde lukmancylyk enjamlaryny gowşurmak dabarasynda eden çykyşy.

2021 ýylyň 20-nji dekabry

Salam hormatly myhmanlar, kärdeşler we hyzmatdaş wekiller,

Men “Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek” grant taslamasynyň çäginde satyn alnan “FUJIFILM” ýapon kompaniýasynyň ilkinji lukmançylyk enjamlaryny Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine gowşurmak dabarasyna gatnaşýanlygyma örän şat. Şu günki dabara, zerur lukmançylyk enjamlaryny utgaşdyrmak we satyn almak boýunça ýerine ýetirilen uly işleriň bir tapgyrynyň tamamlanmagynyň netijesidir. Şol bir wagtyň özünde, daşary ýurtda öndürilen enjamlaryň indiki topary bilen üpjün etmek, onuň soňdaky gurnamasy we lukmançylyk işgärlerini taýýarlamak ýaly ýene-de köp ädim ätmeli.

Umumy bahasy takmynan 3 million ABŞ dollaryna barabar bolan bu taslamanyň çäginde Ýaponiýanyň hökümeti Birleşen Milletler Guramasynyň Taslama hyzmatlary boýunça müdirligi (ÝUNOPS) arkaly türkmen lukmançylyk edaralarynyň ulanmagyna göçme rentgen enjamlaryny, öýkeniň emeli howa çalşygy enjamlaryny, döwrebap ultrases enjamlaryny, bronhoskopiýa ulgamlaryny we beýleki lukmançylyk enjamlary bilen üpjün eder.

Bu taslamanyň çäginde alyş-çalyş resminamalarynyň gol çekişlik dabarasyndan 9 aý geçdi. Şol wagtyň dowamynda Taslamany üstünlikli durmuşa geçirmek üçin köp iş edildi, şol sanda her lukmançylyk enjamynyň spesifikasiýasyny işläp düzmek we ylalaşmak, şeýle hem taslama bilen baglanyşykly beýleki möhüm meseleler barada pikir alyşmak maksady bilen ÝUNOPS-iň, Ilçihananyň we Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň wekilleriniň arasynda üç taraplaýyn duşuşyklary onlaýn görnüşinde we öz ýerlerinde geçirildi.

Şunuň bilen baglylykda, ÝUNOPS-yň Türkmenistandaky wekillerine, Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň, "Lukmançylyk Enjamlary" önümçilik birleşiginiň, şeýle hem Türkmenistanyň daşary işler ministrliginiň wekillerine Taslamany durmuşa geçirmekde eden ýadawsyz goldawlary we ýardamlary üçin tüýs ýürekden minnetdarlygymy bildiresim gelýär.

Bu Taslama diňe bir Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamyny berkitmäge goşant goşman, eýsem ýapon we türkmen halklarynyň arasyndaky dostlugyň, agzybirligiň we özara goldawynyň nyşanyna öwrüljekdigine ynanýaryn.

Global pandemiýa COVID-19 bilen baglanyşykly dünýädäki häzirki ýagdaýa garamazdan, Ýaponiýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlyk dürli ugurlarda ösmegini dowam etdirýär. Şunluk bilen, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm wakalarynyň biri, şu ýylyň iýul aýynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWYŇ TOKYO-2020 Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasyna gatnaşmak üçin Tokio eden sapary bolup durýar. Mundan başga-da, sentýabr aýynda Lebap welaýatynyň Çärjew etrabynyň Gaz turbinaly elektrik stansiýasynyň açylyş dabarasy geçirilip, oňa Ýaponiýanyň ykdysadyýet, söwda we senagat döwlet ministri jenap Kiýoşi EJIMA gatnaşdy.

Mundan başga-da, indiki ýylyň 22-nji aprelinde, Ýaponiýa bilen Türkmenistanyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna 30 ýyl dolýar. Ýaponiýa mundan beýläk hem medeni we ynsanperwer alyş-çalyş arkaly halklarymyzyň arasyndaky düşünişmegi çuňlaşdyrmak üçin iň ähli tagallalary etmegi dowam etdirmäge taýýardyr. Şu maksat bilen, häzirki wagtda bu möhüm senä bagyşlanan dürli çäreleriň meýilnamasy işlenip düzülýär.

Sözümiň soňunda, umumy maksatlarymyza ýetmäge goşan goşandyňyz üçin her biriňize ýene-de bir gezek minnetdarlygymy bildiresim gelýär we hemmäňize jan-saglyk, abadançylyk we işiňizde üstünlik arzuw edýärin!

Üns bereniňiz üçin sag boluň!

